Resminama BIRINJI GÖRNÜŞ Sene: 11.02.2025 Resminama REV. / OK / REV. Sene: 0 / 11.02.2025

# Ynsan Haklary Syýasaty

## 1. MAKSADY

Bu Ynsan Haklary Syýasatynyň maksady Karubyň Ynsan haklaryna bolan çemeleşmesini görkezmek we kompaniýanyň Ynsan haklaryna berýän ähmiýetini görkezmek.

## 2. Düzümü

Bu syýasat Ynsan Haklarynyň alhliumumy Jarnamasyna, Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Global Ylalaşygyna, BMG-nyň Çaga Hukuklary Konwensiýasyna, Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) konwensiýalaryna esaslanýar, OECD-iň agzalary Köpmilletli Kompaniýalar üçin Gollanma ýörelgeleri, BMG Iş Durmuşy we Ynsan haklarynyň ýol görkeziji ýörelgeleri we milli kanunlar esasynda taýýarlanýar. Bu ýörelgeler-Karubyň, onuň işgärleriniň, üpjün edijileriniň, müşderileriniň we beýleki gyzyklanýan taraplarynyň eýerdigi ýörelgelerdir.

## 3. UMUMY DÜZGÜNLER

### 3.1. Adam Haklaryna Hormat we Uýmaklyk

Milli we halkara Ynsan haklary ülňülerine doly gatnaşyk üpjün edýär we ynsan Haklaryna hormat goýmagy iş amallarymyza goşýarys.

### 3.2. Mümkinçilik Deňligi, Dürlülik we Goşuluşmak

Iş gurşawymyzda hemmelere deň mümkinçilikler hödürleýäris we dürlülige hormat goýýarys.

Işe almak, okuw we ösüş, karýera, öndürijilik we töleg haklary ýaly proseslerde; iş şertlerinde jyns, göwrelilik, etnik gelip çykyşy, din, milleti, ýaşy, maýyplyk ýagdaýy, jyns ugry, syýasy garaýyşlary we ş.m. esasly diskriminasiýa bolmazdan deň hukuklylyk syýasatyndan ugr alýarys.

### 3.3. Söz azatlygy, köpçülikleýin şertnama baglaşmak hukugy we Birleşmek azatlygy

Biz işgärlerimiziň köpçülikleýin şertnama hukugyny we gurama azatlygyny goraýarys we goldaw berýäris.

Işgärlerimiziň pikirlerine sarpa goýýarys we özlerini erkin beýan edip biljek iş şertlerini üpjün edýäris.

### 3.4. Iş Saglygy we Howpsuzlygy

Ähli işgärlerimiziň sagdyn we howpsuz gurşawda işlemek hukugyny kepillendirýäris,

hünär saglygy we howpsuzlyk kanunçylygynyň talaplary we bu ugurda halkara ülňüleri durmuşa geçirýäris.

### 3.5. Mejbury zähmet we Çaga zähmeti

Mejbury zähmeti we çaga zähmetini düýbünden gadagan edýäris we şeýle düzgün bozmalara garşy göreşýäris.

Ynsan hukuklary baradaky Ähliumumy Jarnamanyň, BMG Global Ylalaşygynyň we HZG-nyň talaplaryna laýyklykda gulçulyga we adam söwdasyna garşy asla yolbermezlik syýasatyny durmuşa geçirýäris we ähli gyzyklanýan taraplarymyzyň bu ugurda hereket etmesine çagyrýarys.

### 3.6. Zorluk we hyýanatçylyk

**Işgärlerimize her hili ekspluatasiýadan, hyýanatçylykdan, gorkuzmakdan, sütem etmekden ýa-da fiziki, dilden, jynsy ýa-da psihologiki ýanamalardan, haýbat atmakdan we zorlukdan azat iş gurşawyny üpjün edýäris.**

### 3.7. Iş wagty, Aýlyk haklary we Işgärleriň Hukuklary

Iş wagty, aýlyk haklary we işgärleriň hukuklary babatynda ulanylýan hukuk kadalaryna we halkara ülňülerine doly laýyk gelýäris.

Işgärlerimize zehinlerini we mümkinçiliklerini ösdürmek üçin mümkinçilikler berýäris.

## 4. SYÝASATA GARŞY YAGDAÝ WE DÖZGÜNLERIŇ BELLIGI

Syýasata garşy ýagdaýlar we düzgün bozmalar kompaniýanyň degişli proseduralary we düzgün-nyzam düzgünleriniň çäginde çözüler. Işgärlerimiz islendik diskriminasiýa we deňsizlik ýagdaýyny işgärler bölümine ýa-da beýleki bellenen aragatnaşyk kanallaryna habar bermek arkaly goldaw alyp bilerler.